# Magtymguly
# Pyragy – türkmen halkynyň paýhasly dünýäsi



Magtymguly Pyragy – türkmen halkynyň paýhasly dünýäsi

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

HYDYR DERÝAÝEW ADYNDAKY MUGALLYMÇYLYK MEKDEBI

# MAGTYMGULY PYRAGY – TÜRKMEN HALKYNYŇ PAÝHASLY DÜNÝÄSI

Ylmy makalalar ýygyndysy

*Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanýar*

Aşgabat • Ylym • 2024

**Gülşat Ýusupowa,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw işleri boýunça prorektory*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGI – MEDENI DIPLOMATIÝANYŇ AÇARY

Mälim bolşy ýaly, 2023-nji ýylyň awgust aýynda Türkmenistanyň BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy bolan ÝUNESKO-nyň düzümine doly hukukly agza bolmagyna 30 ýyl doldy. Bu halkara düzüm taryhy-medeni baýlyklary goramak, dikeltmek boýunça ýurdumyzyň iň ygtybarly hyzmatdaşlarynyň biridir.

2023-nji ýylyň 24-nji maýynda ÝUNESKO-nyň Pariž şäherinde ýerleşýän baş edarasyndan gelen hoş habara laýyklykda, 2022-nji ýylda ÝUNESKO-nyň işleri barada Milli toparyň sekretariatynyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar instituty bilen bilelikde taýýarlanan we hödürlän «Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumy» bu guramanyň «Dünýä hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizildi. Iri düzümiň resmi saýtynda şeýle ýazgy ýerleşdirilipdir: «Bu ýygyndyda şahyryň XVIII–XIX asyrlarda Türkmenistanda ýaýran eserleriniň saklanyp galan golýazmalary bar. Munuň özi türkmen halkynyň we tutuş türki dilli dünýäniň halklarynyň dil we ýazuw mirasynyň seýrek duşýan nusgalarynyň biridir, çünki olar türkmen halkynyň hem-de Merkezi Aziýa we Ýewropanyň şygryýetiniň dilden-dile geçip gelen däplerini özünde jemleýärler. Magtymgulynyň goşgulary ynsanperwerligiň, watançylygyň, agzybirligiň we jebisligiň senasy hökmünde ýaňlanýar. Olar köp ýurtlaryň alymlary we şahyrlary üçin nusga öwrüldi».

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi türkmen halkynyň medeni diplomatiýasynyň açary bolup durýandyr. Çünki şahyryň döredijiliginiň üsti bilen özge döwletler halkymyzyň medeni durmuşyny içgin tanamaga mümkinçilik gazanýarlar. Medeniýet bolsa adamzadyň önümçilikde, jemgyýetçilik we ruhy durmuşynda aň-düşünjelilik bilen gazanan üstünlikleriniň jemi bolup durýar [1, 94 s.].

Halk içinde «Är dogulsa iliň bagty, ýagyş ýagsa ýeriň» [2, 377 s.] diýlişi ýaly, il içinde uly hormata eýe bolan Magtymgulynyň goşgulary diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, dünýäniň islendik künjeginde meşhurlyga eýe. Beýik söz ussady Magtymgulynyň eserleri XIX asyryň ortalarynda Orta Aziýa, Russiýa, Ýewropa ýurtlarynyň metbugat sahypalarynda görnüp başlaýar. Onuň eserleri köp alymlaryň,

syýahatçylaryň ünsüni özüne çekipdir. 1842-nji ýylda şahyryň gysgaça terjimehaly bilen üç goşgusyny Eýranda işläp ýören rus diplomatiýasynyň wekili Aleksandr Hodzko Londonda iňlis dilinde çap etdirýär. Gündogarşynas alymlar A. Wamberi, W. W.Bartold, E. E. Bertels, A. N. Samoýlowiç, L. Klimowiç we başgalar şahyryň döredijiligine uly baha berýärler.

1983-nji ýylda Magtymgulynyň goşgularyny latyş diline terjime eden meşhur latyş şahyry, ýazyjy hem terjimeçi Ýanis Rokpelnisdir. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň habarçy-agzasy, filologiýa ylymlarynyň doktory Z. Muhammedowa şahyryň latyş dilinde neşir edilen türkmençe goşgular ýygyndysynyň düzüjisi hem-de teswirleýjisidir. Uzaga çeken terjimeçilik işleriniň netijesinde latyş dilinde ilkinji gezek «Magtymguly – ümmülmez älem» atly goşgular ýygyndysy neşir edildi. Bu ýygyndy latyş okyjylary tarapyndan gyzgyn garşylandy hem-de kyrk ýyl mundan ozal çap edilendigine garamazdan, henize çenli seýrek neşirleriň hatarynda bolup durýar. Çünki şahyryň paýhas siňen döredijiligine Latwiýada we beýleki ençeme döwletlerde uly hormat, sarpa goýulýar. Bu bolsa daşary ýurtlar bilen medeni diplomatiýany ýola goýmakda uly ähmiýete eýedir. Çünki türkmen edebiýaty beýleki halklaryň medeniýetinden üzňe özbaşdak bir ýerden dömüp çykan hadysa däl-de, ençeme asyrlaryň dowamynda köp döwletler, halklar, taýpalar bilen syýasy, ykdysady we medeni aragatnaşykda bolup kemala gelen edebiýatdyr. Halkyň milli häsiýeti, ruhy bu edebiýatyň esasy özenini düzýär, türkmen edebiýatynda umumadamzat meseleleri giň orun alýar. Şeýle meseleleriň goýluşy, çözgüdi ençeme asyrlaryň dowamynda beýleki milletler, halklar bilen gatnaşyklarda döräpdir.

2024-nji ýylda Türkmenistanda we beýleki köpsanly ýurtlarda türkmen edebiýatynyň görnükli nusgawy şahyrynyň ýubileýine bagyşlanan ençeme çäreler meýilleşdirilýär. Şoňa görä-de, halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda şahyr-filosofyň edebi mirasyny dünýä derejesinde öwrenmek we ýaýratmak işleri yzygiderli alnyp barylýar.

**EDEBIÝAT**

1. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. – A., 2016.
2. Paýhas çeşmesi. – A., 2016.
3. *Şyhnepesow A.* Magtymgulynyň älemi. – A., 2014.